# Söýginiñ dartyş güýji

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Söýginiñ dartyş güýji

SÖÝGINIÑ DARTYŞ GÜÝJI

Seni gözlemedik ýerim galmady,
Maşrykdan agtaryp, magrypdan çykdym.
Hyýalymda elwan yaglyk galgady,
Käkilli gözeliň göwnini ýykdym.

Çagalykdan maňa höwrügen gyzyň,
Owadan ýüregniň yhlasy bardy.
Oň ýanyndan terse öwürlen yzym,
Sergezdan durmuşa alyp barýardy.

At çapdyryp geçdim içinden düzleň,
Köse deýin köweklendim, köwlendim.
Soňam agraslanyp, sen hakda düzlen,
Dessanlary bölek-bölek öwrendim.

Serim duman içre oýa batyrdym,
Ýagty umyt bilen daňy atyrdym.
Seniň yşgyň pikirini kän eden,
Şu kelläm ýarylyp barýar nämeden?

Sen–gijeler düýşlerimden idelen,
Gündizler güneşden soradym seni.
Didaryňy gormese-de didelem,
Göwni sowuklardan goradym seni.

Sen taýy ýeldirgäp ýüwüren,
öwsen–Şemalyň yzyna düşüp geldim men.
Söýgimiň päkligi–jadyly göwher,
Yhlasym boyunça gara ýeldim men.

Ýüregim aýamda, kalbym tas aýna,

Söze şöhle saçar döwüler sözden.
Meni bir öňýeten jalatay saýma,
Maksadym belentdir, matlabym çözlen.

Ýakma meni, gümmezleriň güjeňläp,
Ysgynym ýok, huzuryňa barmaga.
Sözlem agzasy dal sözleri jemläp,
Merdiwan ýasaýyn göge galmaga.

Çünki, başarmadym men sensiz ýaşap,
Natuwanym, nowjuwanym, ezizim.
Perileň soltany, düşsene aşak!
Ýa ýanyňa alyp barsyn keniziň.

Ýa kermi sen, ilmez gulagňa zaňlar,
Ýa arkaňda howandaryň–döw barmy?!
Söýgi sözlerine bal gatyp zaňňar,
Tarypyňy menden artyk öwýärmi?!

Sensiz kim bolaýyn, nirä gideýin,
Çekseň, süýnüp ýatan sozma dälmi men?!
Gargasaň, gataryn gara daş deýin,
Soňam pytrap gitjek tozga dälmi men?!

## 2. Nurana gijeler

Süýt deý ak gijeler, aýly gijeler,
Men sizi henizem unudyp bilmän.
Hyýal deý täsirden özüme gelmän,
Ýumşak gussa, çekip ýörün nejeler.

Nowruzyň ahyry, ýazyň başynda,
Töwerek-daşlary gül büräp durdy.
Ýyldyzlar owadan Aýyň daşynda,
Kenizlere meňzäp sülmüräp durdy.

Çola ýodajykda bir gizlin syr bar,
Gara baglar oýa çümüpdir hasam.
Göýä ýassyn namaz parzyn okaýar,

Çök düşüp oturan hol gara daşam.

Bir gudratly beýik güýje garylyp,
Serişdeler maňa gaýdýan ýalydy.
Köňlümde şatlygy oýaryp barlyk,
Perişdeler aýdym aýdýan ýalydy.

Ýanymdan barýarsyň göwnimiň beslän,
Intizar ýüregmiň agtaran ýary.
Men gürrüň berýärin yzyny kesmän,
Sähelçe säginsem, öläýjek ýaly.

Joşup-joşup, goşgy hakda gürleýän,
Diýýän oňa:Ýüregimiň soltany.
Gerek däl, men beýle ömür sürmeýän,
Arwahlaryň el çarpyşyp goldany.

Sen meni diňleýäň, şeýle bir ümsüm,
Arasynda tisginýäňem sözlerme.
Meni oda salýa üşükli ünsüň,
Jadyly nur saçyp ala gözlerňe.

Seň şadyýan garaýşyňa taýyn men,
Getirmäge şapagyna daňdanyň.
Arzuwlardan gözläp, tapan taýym sen,
Dabarasy daglar aşan Dagdanym!

Men gürrüň berýärin yzyny kesmän,
Garybyň gul bolup satylşy hakda.
Wepaly magşugyň hiç yza tesmän,
Aşygna goşulyp-gatylşy hakda.

Halkyň isleginden kemala gelen,
Adaty däl gözelligin dünýäniň.
Wasp edýän erteki, dessanlar bilen,
Bile ýaşap gamlanýanyň-gülýäniň.

Bagt dälmi, ezizim, bar zada degýän,
Elbetde, bulara düşünmek gerek.

Seret, ikimize başyny egýär,
Şemala goşulyp, mähriban derek.

Men özümi juda bagtly duýýaryn!
Bu sözleri sen pyşyrdap aýdypdyň.
Aýan edip menem şoňa uýýanym,
Yzyma guş bolup uçup gaýdypdym.

Nurana gijeler, taýly gijeler,
Men sizi henizem unudyp bilmän.
Jadyly jepadan özüme gelmän,
Ýumşak gussa çekip ýörün nejeler.

## 3. Güneş

Meniň söýgim aýdym ýaly aýdyňdy,
Nädip oňa düşünmediň Dagdanym?!
Ýa-da meni bir keseki saýdyňmy,
Tylla gaşym, mähek daşym, magdanym?!

Menem seni ýatdan çykarjak bolup,
Kenaryma sygman çyrpynyp gezdim.
Päkisi awuly, nurbaty ýoluk,
Arman gaýçysynda gyrkylyp gezdim.

Agtaryp tapmadyk tärim galmady,
Sataşjakdym saňa meňzeş güneşe.
Gözýetimde gyzyl yaglyk galgady,
Gök meýdanda gabat geldim Eneşe.

Ýene ýüregime düşüpdir dowul,
Ony saklan beýawana döneýin.
Yssylasa-saýa,üşese-howur,
Ýagyş ýagsa, saýawana döneýin.

Öýleneýin, öý bolaýyn oň bilen,
Bag ekeýin özi deýin jennetiň.
Perişdeler aýlananda daň bilen,
Ikimiziň rysgymyzy kemmesin.

Dogrusy, kämahal tolgunup ýürek,
Agyr oýa batmagymam ähtimal.
Sen şonda çydarsyň, çydarsyň gerek,
Hiç zat hakda soramazdan mähriban?!

Söz berýän, şol pursat ýalňyz bolaryn,
Ýa giderin aňyrsyna meýdanyň.
Islendik günäni boýun alaryn,
Öwezine seniň üçin peýdanyň.

Seniň düşünmeýän zatlaryň hakda,
Gürrüň bermezlige çäre tapylar.
Iki sany sygyr saklarys, hatda,
Atymyzam kişňäp durar gapyda.

Öýümiziň gapdalyndan ýol geçer,
Ýolagçylar gawun iýer, çal içer.
Çagalar keýpden çykarlar ösgün,
Ösümlikleň çeýnäp terje kösügin.

Ýaşap ýadamarsyň, söýüp irmersiň,
Gidersiň toý bolsa, ýa bolsa geňeş.
Şonda nädip gözlerime ilmersiň,
Gözel gelinlerden saýlanyp, Eneş?!

"Senden gaýry del gözlerde bolmaryn"
Muny seniň şirin dilleriň aýtdy.
Diýdim menem: "Ýaprak ýaly solmaryn"
Ýaňagymdan gözýaş syrygyp gaýtdy.

4. Güneş

Dagdan oba düşdi, Eneş şähere,
Maňlaýlary açyk, bagty çüwsünler.
Bu ýerlerde saklanmazdan sähelem,
Men söýgimi düwünçege düwdüm-de,

Köňül sandygynda ýygşyryp mäkäm,
Howalanyp, howlap asmana galdym.

Ýa Zeminiň jemendesi dälmikäm,
Dodaklarym ýaryk-ýaryk, garaldym.

Bakýan gökden gasyn-gasyn topraga,
Gözüm düşýär jübüt-jübüt topbaga.
Söýgi sallançagnyň mähirden bagy,
Üwreýär Zemini agşamyň çagy.

Men söýgime hiç haçanam garşy däl,
Yşgym meni gazap bilen darasa—Darasyn,
oýlanýan uçup barşyma,
Söýgi känlerini açmak barada.

Kärhana açmaga maýa gerek kän,
Girdeji, çykdajy hasap bolmaly.
Ýöne söýgisinden zaýa ýürek kän,
Awuly ýürekleň derdin almaly.

Meniň bilen uçup barýar guwlaram,
Bilýän, toprak olara-da Watandyr.
Gök otlaryň arasynda duwlanan,
Höwürtgede ýumurtgalar ýatandyr.

Söýgi näme? Ýeriň dartyş güýjimi,
Ýa janyma otlar salan alawmy?!
Söýgi—nika suwy deýin süýjimi,
Neşteri bar—ýyldyrymmy, ýalawmy?!

Gaty kän oýlandym ýeňsämi gaşap,
Söýgiň gudratyna boldum bendiwan.
Kä belende galdym, kä düşdüm aşak,
Ýogsa, ýaşajakdym il deý endigan.

Ýa dowzahyň sazymyka, janlarym?
Garrylaňam ökjeleri ýeňleýä.
Ömür ýigrenmerin, ömür ganmaryn,
Onuň güýjün hiç bir gudrat ýeňmeýä.

Ol meni öldürip, ýene täzeden

Ýaşyl ýaşaýyşa goşup goýberýär.
Söýgi seniň dartyş güýjiň nämeden—
Gudrat alyp dereklere boý berýär?

Söýgi—Biribaryň ilkinji sözi,
Joşa geldi ýürekleri arylaň.
Söýgi meseläni ýerinde çözüp,
Jandan ozal palçygyma garylan.

Nur saçyp pikrimiň bulam-bujurna,
Men uçup barýaryn, uçup barýaryn.
Hem kiçijik, hem darajyk gujagma—
Oklanan Zemini guçup barýaryn.

■ Sarygamyş köli ir bahar

Tenime siňdirip, güneşiň nurun,
Ir guşluk kenarda gaýşaryp durun.
Gözýetimde ýuka ümür ýüpek deý,
Tolkun atyp, diýýär:
«Şeýle köýnek geý!»

Kerepleşen suwotular bugarýar,
Gyjyndyryjy bir ys burnuma urýar.

Owunjak tolkunkar tolgunýar biraz,
Şowhun berýär kölüň «jygyldygyna» ýaz.

Arly gyşyň soňsuz azaryn aýran,
Guşlaryň meýlisi bazarmy-baýram?!
Olaň has uzalan boýunlary — geň,
Söýgüden ganmaýan oýunlary — geň.
Tans oýnap,
Bir çarlak başyny egýär,
Ganatyny gerip, taýyna degýär.

Ol näz edýär,
Beýlekisi — kereşme,
Bagtdan sermest,

Ýöne göwünler teşne.

Has gabanjaň aşygynyň boluşy,
Kowýar golaý gelen üçünji guşy.

Galkyp – inip,
Asman-zemin arada,
Guşlar owaz edýär söýgi barada.

■ Giderin bu ýerden…

Giderin bu ýerden indi,
Indi eglenmen,
Ýollaryň tozany siňer synyma.
Ak säherde seni söýen oglan men,
Saklap galjak bolup meni gynama.

Goýunlar mäleýär köne saraýda,
Olary men ertir sürmerin örä.
Bolmaz maňa şepagat-da, haraý-da,
Gitmek maňa hyjuw berýärkä örän.

Belki, meň täleýim bolmaz göwnejaý,
Bulutlaň kerweni alysa göçer.
Messan basyp barýan täze dogan aý,
Kalbyma şatlygyň şuglasyn saçar.

Däl bu şatlyk ýol ugrundan tapylan,
Men ondan birjik-de edemok heder.
Üçegimiz galaýydan ýapylan,
Ýagyş damjalary täsin heň eder.

Bu arassa ýaz ýagşyna açylan,
Eriklerden igdelerem kem galmaz.
Belki, söýgi mazsasyny gaçyran,
Öýkäň sowlar, gözleriňde nem galmaz.

Enemiň ýat tutuşy deý dogasyn,
Gussa batyp ejizlesem bir çakda.
Ýatlap damjalaryň täsin owazyn,

Kän goşgular ýazaryn men sen hakda.

■ Goşgynyň TÝUG formasy

Ýanyp bişip ýardan göwnim sowady,
Göterlen tüssämem ýardan sowady.
Has aňyrdan eken onuň sowady,
Bir gamly dessana dönderdi meni.

Ýar sogrup ýüregmi eline aldy,
Ýürekden akýan gan şapak deý aldy.
Söýenim kastyma çykan bir a:ldy,
Toz edip asmana gönderdi meni.

Salgym deý süýnüp ýön garaba-gara,
Ruhum köýük boldy garga deý gara.
Ne gözel oglandym kalbyma gara,
Goy-a öz günüme-gussama meni.

Şat başlanan söýgim hasrata ýazdy,
Durmuş maňa gyşdy, yar üçin ýazdy.
Şeýtdi-de, adymy gam içre ýazdy,
Ýetirmän al elwan bossana meni!

■ Ýatlama

Uzaklardan gulagyma gelip dur,
SERGIÝEW POSAD-yň jaňlarnyň sesi.
Barýan,
Bir it hiç yzymdan galanok,
Geçen gyş ölüpdi onuň eýesi.

Biraz soň tanyş ýüz öňümden çykýar,
Iş ýerim boýunça goňşym o zenan,
Geçmişini gürrüň berip başlaýar,
Ynanýan oň gözeldigne ir zaman.

Geçen-geçdi, nämä gerek ýatlamak,
Hat-da tudana-da wagtynda bişýär.
Ol gynanýar ýaşlygynyň geçenne,

A meň ilki söýgim ýadyma düşýär.

■ Umyt

Garaýyş ters,
Söýgi biwepa çyksa,
Kyýamat gopanok, bil,
Natuwan-a!
Ynam-yrga,
Dostam duşmanyň bolsa,
Arzuw-Höwes-baky ekiz juwana,
Şilliň şübhäň salgymynda azaşyp,
Ne gözel bu durmuş görünende geň,
Köňül içre hesret gurçuklaryny,
Umyda gol berip sabyr bilen ýeň!
Çünki inçe umyt berlendir hemmä,
Deň berlen bar zadyň söhbetinden öň.
Umydy bar hassaň sagalmagyna,
Bendiň boşamaga möhletinden öň.
Umydy bolmasa baglar güllärmi,
Gör daglaram daşa dönüp söýýärler.
Togtanyndan soňam ýürek urmasy,
Umyt biraz garaşarmyş diýýärler.

Goşgular